**6. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen "Blue Marine Foundation" arasynda Hazar deňziniň biologik dürlüligini, daşky gurşawyny gorap saklamak we olaryň goralmagyna ýardam etmek barada özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2024-nji ýylyň 23-nji apreli.**

**Umumy maglumat:**

Blue Marine Foundation 2010-nji ýylda Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynda Çenden aşa balyk tutmak barada 2009-njy ýylda çykan "The End of the Line" atly dokumental filmini goýujy Kris Gorrell Barnes we şol bir at bilen neşir edilen kitabyň awtory Çarls Klower tarapyndan esaslandyryldy.

Guramanyň maksady okeanlaryň we deňizleriň biodürliligini gorap saklamaklyga ýardam bermekden ybarat.

**Resminamanyň esasy maksady:**

1. Türkmenistanyň deňiz ekoulgamynyň monitoringi.

2. Deňziň biologik dürlüliginiň genetiki taýdan üýtgeýjiligine (geljekki biodürlülige) täsir edýän täsirleri öwrenmek.

3. Haýwanlaryň ölmeginiň monitoringi, patologoanatomik we toksikologik barlaglary.

4. Deňziň görnüşleriniň we olaryň köpçülikleýin tutulmagynyň arabaglanyşygynyň hem-de bu arabaglanyşyga täsir edýän ýagdaýlaryň (faktorlaryň) monitoringi.

5. Iýmit dürlüliginiň barlaglary.

6. Deňziň biodürlüliginiň dinamikasyna täsir edýän ýagdaýlary öwrenmek.

7. Hazaryň biodürlüliginiň köplügini we ýaýraýşyny öwrenmek.

8. Howanyň üýtgemeginiň deňziň biodürlüligine edýän täsirine baha bermek.

9. Adam işjeňliginiň we onuň hereketlendiriji güýçleriniň deňziň biodürlüligine toplumlaýyn täsirini öwrenmek.

10. Deňziň biodürlüligi üçin goralýan tebigy ýerleri ösdürmek.

11. Deňziň biodürlüliginiň adamlaryň işjeňligi netijesinde ölmegini azaltmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek.

12. Biodürlüligi gorap saklamak we öwrenmek babatda hünärmenler we jemgyýetçilik köpçüligi okuwlary gurnamak, bilim bermek we habarlylygyny ýokarlandyrmak.

**Esasy ugurlary:**

Ýokarda agzalan ugurlarda bilelikdäki taslamalary işläp taýýarlarlar durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk ederler.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär we öz-özünden uzaýar.